**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК

**2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna**
на 1 июля 2024 года

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ

«BARYMYZY ŞÄRIK EDÝÄR ÄGIRT ŞÖHRAT-ŞANYNA,
PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY»
ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGINIŇ JEMLEÝJI TAPGYRY GEÇIRILDI
3

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

«ÝAŞYL YKDYSADYÝET» ÝÖRELGESI DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BAŞ UGRUDYR
5

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ

TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
9

TABLISALAR
ТАБЛИЦЫ
11

# «BARYMYZY ŞÄRIK EDÝÄR ÄGIRT ŞÖHRAT-ŞANYNA, PÄHIM-PAÝHAS UMMANY MAGTYMGULY PYRAGY» ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGINIŇ JEMLEÝJI TAPGYRY GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 20-nji iýunynda paýtagtymyzyň «Gülzaman» toý mekanynda Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda «Barymyzy şärik edýär ägirt şöhrat şanyna, Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» atly zehin bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi. Geçirilen bäsleşigiň maksady bank işgärleriniň hünär taýdan taýýarlyklaryny, akyl başarnyklaryny ýokarlandyrmak hem-de zehinlileri öňe çykarmak we höweslendirmek bolup durýar.






Bäsleşik iki tapgyrda geçirildi. Birinji tapgyrda 2024-nji ýylyň maý aýynyň 15-30-njy seneleri aralygynda Arkadag şäherinde hem-de Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda geçirilen bäsleşiklerde 1-nji orna mynasyp bolan toparlar (bu barada «Bank habarlary» žurnalynyň 5-nji sanynda beýan edildi) öz aralarynda öňdebaryjy orunlar üçin bäsleşdiler.

Oňa gatnaşanlar akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň durmuş mekdebi hökmünde ýurduň özygtyýarlygy we gülläp ösüşi, döwleti dolandyrmagyň kadalary, ylym-bilimi goldamak, rehimlilik, hormat goýmak, jomartlyk, parahatçylyk söýüjilik, myhmansöýerlik, bitewilik baradaky nesihat beriji goşgulary barada aýratyn bellenildi.

Çekeleşikli geçen bäsleşigiň netijesinde 1-nji orna Arkadag şäheriniň Merkezi banky, 2-nji orna Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň Ak bugdaý şahamçasy, 3-nji





orna bolsa «Türkmenbaşy» paýdarlar täjirçilik bankynyň Sarahs şahamçasy mynasyp boldy.

Ikinji tapgyr ýurdumyzyň bank ulgamynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän merkezi edaralarynyň arasynda geçirildi. Onda 1-nji orny Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky, 2-nji orny «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky hem-de 3-nji orny Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik banky eýeledi. Ýeňiji bolanlara bäsleşigiň gymmatbahaly sowgatlary gowşuryldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**



# «ÝAŞYL YKDYSADYÝET» ÝÖRELGESI DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BAŞ UGRUDYR

Häzirki döwürde durnukly, bazar bäsdeşligine ukyply ykdysadyýete geçmek, ilatyň durmuş goraglylygyny ygtybarly derejede üpjün etmek, tebigy biodürlüligi we daşky gurşawyň sagdynlygyny goramak umumadamzat ähmiýetli meseleleriň hatarynda ilkinji nobatda öňe sürülýär. Bu maksatlar häzirki zaman ykdysady nazaryýetde «ýaşyl ykdysadyýet» adalgasy bilen orun alyp, ýurdumyzyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda geçirilen birinji Hazar ykdysady forumynyň işinde öz beýanyny tapdy. Hususan-da birinji Hazar ykdysady forumynyň çäklerinde «Hazar deňzi üçin ýaşyl ykdysadyýet» ady bilen ýörite sessiýa geçirildi. Ykdysady forumda edilen taryhy çykyşlarda hazarýaka döwletlere Hazaryň ekologik meselelerine, sebitde Durnukly ösüş maksatlarynyň berk berjaý edilmeginiň zerurlygyna aýratyn üns çekildi.

«Ýaşyl ykdysadyýet» bu – tebigy serişdeleriň tygşytly peýdalanylmagyny gazanmagyň, ahyrky peýdalanyşdan emele gelýän galyndy önümleriň önümçilik aýlawyna gaýtarylyp gelmegini üpjün etmegiň hasabyna, jemgyýetiň abadançylygyna saklap galmaga gönükdirilen ykdysadyýetdir. Alymlar ýaşyl ykdysadyýetde binýatlaýyn ugurlaryň birnäçesini bölüp görkezýärler, hususan-da, olaryň arasynda:

- energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini giňden ornaşdyrmak we netijeli peýdalanmak;
- galyndylary dolandyrmak ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek;
- suw serişdelerini dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek;
- «arassa» (durnukly, «ýaşyl») ulag ulgamyny ösdürmek;
- oba hojalygykda «organiki ekerançylyk» ýörelgesini giňden ornaşdyrmak ýaly wezipeleri görkezmek bolar.

Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 2015-nji ýyldan 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň kabul edilmegi bilen, bu ugurda alnyp barylýan işleriň depgini has-da artýar. «Ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesi durmuş-ykdysady ösüşiň, ilkinji nobatda-da, bu maksatlara gönükdirilýän maýa goýumlaryň ekologiýa taýdan arassa bolmagyny, tebigy serişdeleriň tygşytly peýdalanylmagyny, adamlaryň amala aşyrýan ykdysady işleriniň daşky gurşawa iň pes derejede zyýan ýetirýän ýa-da asla zyýansyz alnyp barylmagyny nazarlaýar, ýagny şol işleriň geljek nesilleriň abadançylygynyň hatyrasyna gorluk serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy esasynda alnyp barylmagyny ileri tutýar.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda durnukly ösüş konsepsiýasynyň üç esasy ugruň – ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryň birleşmeginiň netijesinde peýda bolýandygy bellenilýär. Munuň özi ýaşyl ykdysadyýeti kemala getirmek we ösdürmek meselesine täzeçe çemeleşmeleriň işlenip taýýarlanylmagyny hem netijeli peýdalanylmagyny talap edýär. Şol çemeleşmeleriň çäklerinde ekologik deňagramlylygy saklamak wezipesi durmuş-ykdysady ösüş sepgitlerine ýakyndan utgaşdyrylýar.

Tutuş dünýäde ileri tutulýan oňyn meýillere pugta eýermek bilen, Türkmenistan özüniň durmuş-ykdysady strategiýasyny «ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesiniň binýatlaýyn kadalaryna laýyklykda işläp taýýarlaýar hem-de durmuşa geçirýär.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda häzirki döwürde işjeň ornaşdyrylýan toplumlaýyn ösüş maksatnamalary – uzakmöhletleýin häsiýete eýe bolan «Berka-

rar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» onuň düzüm bölegi hökmünde çykyş edýän we orta möhletli döwri nazarlaýan «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenen ösüş sepgitlerine ýetmekde ekologik abadançylygy gorap saklamak wezipeleri ileri tutulýar.

Durnukly we bäsdeşlige ukyply ykdysadyýete netijeli geçişi üpjün etmegiň ygtybarly ýoly hökmünde saýlanyp alnan «ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesini hukuk taýdan düzgünleşdirmek işine hem Türkmenistanda aýratyn ähmiýet berilýär. Bu işiň çäklerinde 2014-nji ýylyň 1-nji martynda «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Kanun tebigaty goramagyň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge, hojalyk we beýleki işleriň tebigy ekologik ulgamlara zyýanly täsiriniň öňüni almaga, biologik dürlüligi gorap saklamaga we tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmaga gönükdirilendir. Kanunyň 1-nji maddasynyň 17-nji bendinde bellenilişi ýaly: «ekologik kadalaşdyrma – daşky gurşawyň ýagdaýyna baha bermegiň mukdar we hil görkezijilerini we oňa täsir etmegiň ýol berilýän kadalaryny özünde jemleýän düzgünleriň we kadalaryň ulgamy» hökmünde düşünilýär. Ýene-de şol maddanyň 24-nji bendine salgylansak, onda, hususan-da, şeýle diýilýär: «Tebigaty goramak babatda gözegçilik – daşky gurşawy goramak babatdaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagynyň öňüni almaga, ýüze çykarmaga we oňa ýol berilmezligine, hojalyk we beýleki işiň subýektleri tarapyndan ekologik talaplaryň berjaý edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen çäreleriň ulgamy». Şeýle gözegçiligiň çarçuwasynda döwürleýin gözden geçiriş, hojalyk işiniň netijeleri boýunça daşky gurşawa ýetirilýän täsiri bahalandyrmak barlaglary geçirilýär. Kanunda bu dogrusynda, hususan-da şeýle diýilýär: «Daşky gurşawyň monitoringi – daşky gurşawyň ýagdaýyna gözegçilikleriň, tebigy we antropogen faktorlaryň täsiri astynda onuň ýagdaýynyň üýtgeýşine baha bermegiň we çaklamagyň toplumlaýyn ulgamy». Şeýlelikde tebigatyň ekologiýa deňagramlylygyny goramagyň hukuk düzgünleşdirmesiniň ýurdumyzda ulgamlaýyn esasda ýola goýlandygyny bellemek bolar.

Daşary ýurt tejribesinde ýaşyl ykdysadyýete geçmekde her bir döwlet öz üniň ösüş aýratynlyklaryndan hem ileri tutýan maksatlaryndan ugur almak bilen hereket edýär. Şunuň bilen baglylykda her bir ýurt boýunça ýaşyl ykdysadyýete geçmegiň strategiýasy işlenip düzülende dürli çemeleşmeler, gurallar we hereketler peýdalanylýar. Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanan ilkinji gününden başlap ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini ýaşyl ykdysadyýet ýörelgesine laýyklykda alnyp barylmagyny ýola goýdy. Türkmenistanyň durnukly ösüş strategiýasynda uglewodorod serişdelerini, ilkinji nobatda tebigy gazy diňe bir ýangyç göteriji hökmünde däl-de, eýsem ony ekologiýa taýdan arassa çig mal hökmünde peýdalanmak ýörelgesi geljegi uly bolan ugurlaryň biri hökmünde durmuşa ornaşdyryldy.

Türkmenistanyň tebigy-howa şertleri energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini netijeli özleşdirmekde giň mümkinçilikleri açýar. Ýurdumyzda günüň we ýeliň, suw gaýtgynynyň, biomassanyň we geotermal çeşmeleriň energiýasyny hojalyk maksatlarynda peýdalanmagyň uly geljeginiň bardygyny bellemek bolar.

Gün, ýel, biogaz we beýleki alternatiw energiýa çeşmelerini peýdalanmak meselelerine bagyşlanan düýpli ylmy işler häzirki döwürde üstünlikli dowam etdirilýär. Olaryň netijelerini «Altyn asyr» türkmen kölüni ýakalap oturan ýerleri, Hazaryň kenarýakasyny, hususan-da,

Garabogaz sebitlerini hojalyk taýdan has netijeli özleşdirmekde peýdalanmak wezipeleri ileri tutulýar. Bu çareler ýaşyl ykdysadyýet ýörelgesine geçişi üpjün etmekde möhüm ädim bolar.

Türkmenistan «ýaşyl ykdysadyýeti» ornaşdyrmak meselelerinde toplanan oňyn dünýä tejribesini öwrenmek bilen, hojalygyň ähli pudaklarynda «ýaşyl» tehnologiýalary giňden ornaşdyrýar. Ýurdumyzyň senagat, şol sanda nebitgaz, elektroenergetika we himiýa pudaklarynda ekologiýa taýdan howpsuz, serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary peýdalanmaga aýratyn üns berilýär. Tebigy gazy toplumlaýyn esasda gaýtadan işleýän döwrebap önümçilikler ýola goýulýar. Hazaryň kenarynda iri karbamid zawodynyň, polimer önümçiliginiň, Ahal welaýatynda tebigy gazdan ekologiýa taýdan arassa benzin öndürýän önümçilik toplumynyň, beýleki iri önümçilikleriň gurlup ulanyşa girizilmegi bu aýdylanlara aýdyň mysal bolup durýar. Ýokary tehnologiýaly bu önümçiliklerde ilat üçin ýokary hilli ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etmek, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürmek, daşky gurşawy goramak boýunça ileri tutulýan wezipeleri netijeli durmuşa geçirmäge saldamly goşant bolýar.

Ýurdumyzda ýaşyl ykdysadyýet ýörelgesiniň ýene bir ugry ilatly ýerleri gazlaşdyrmak bilen bagly bolup durýar, soňky ýyllarda bu ugurda uly öňegidişlikler gazanylýar. Bag ekmek, ýerleri abadanlaşdyrmagyň çäklerinde täze tokaý zolaklaryny kemala getirmek başlangyjy ilat arasynda giň goldawa eýe bolýar. Suw serişdeleriniň elýeterli bolmagyna hem-de rejeli peýdalanylmagyna we hemmeler üçin arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilmegine hem güýçli üns berilýär. Türkmenistanyň tebigy-howa şertlerinde arassa suwuň esasy bölegi oba hojalyk maksatlarynda peýdalanylýar. Ýurdumyzyň oba hojalygynda, aýratyn hem ekerançylyk işlerinde suw serişdelerini kadaly ulanmak, ýerleriň şorlaşmagynyň öňüni almak maksady bilen sowatly ekin dolanşygyny ýola goýmak, suwy tygşytlaýjy suwaryş tehnologiýalaryny peýdalanmak, oba hojalygynda senagatlaşmany yzygiderli amala aşyrmak wezipeleri ileri tutulýar. Hazaryň biodürlüligini gorap saklamak hem baýlaşdyrmak, Araly halas etmek, ulagyň ekologiýa taýdan arassa görnüşlerini ösdürmek, tebigy tokaýlyklary gorap saklamak ýaly ugurda öňe sürülýän başlangyçlar anyk ykdysady görkezijilerde özüniň ýokary netijeliligini subut edýär.

Islendik ugurda başy başlanan oňyn taslamada bolşy ýaly, onuň ahyrky ykdysady, jemgyýetçilik, ýaşaýyş-durmuş hem ekologik netijeliligi köp babatda öz wagtynda, doly möçberde maliýeleşdirilmegine hem degişli işleriň ýokary guramaçylyk derejesiniň üpjün edilmegine bagly bolup durýar. Türkmenistanda «ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesini giňden ýaýbaňlandyrmakda milli maliýe-bank ulgamyna aýratyn orun degişlidir. Ýurdumyzda öňe sürülýän başlangyçlar boýunça potratçyny saýlap almakda geçirilýän tender bäsleşiklerinde ekologiýa kadalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän taraplara oňyn artykmaçlyk berilýär, olaryň hödürleýän çenlik taslamalary boýunça hasaplamalar geçirilende dürli maliýe-ykdysady we beýleki ýeňillikler göz öňünde tutulýar.

Ekologik taýdan «arassa» taslamalary netijeli maliýeleşdirmek maksady bilen karz edaralary tarapyndan toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Karz edaralary maliýeleşdirmegiň ähli çeşmelerinden, şol sanda ilatdan süýşürintgileri çekmek arkaly, şol serişdeleriň milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan pudaklaryna hem iri taslamalara maýa goýum hökmünde gönükdirmek işine ýakyndan gatnaşýarlar. Ýurdumyzyň maliýe we bank ulgamynyň alyp barýan işleriniň ähli ugurlarynda bolşy ýaly, banklaryň bu işlerinde-de guramaçylyk we usulyýet utgaşdyrmasyny amala aşyrýar. Maksatlaýyn maýa goýum akymlarynyň netijeli we üznüksiz esasda kemala getirilmegi başy başlanýan taslamalaryň hemmetaraplaýyn rowaçlanmagyny üpjün edýär.

Ýurdumyzda öňe sürülýän hem netijeli özleşdirilýän «ýaşyl ykdysadyýet» täze gurlup ulanyşa girizilen ajaýyp Arkadag şäheriniň tutuş durkunda, gaz, suw, elektrik, ulag-aragatnaşyk, inženerçilik üpjünçiliginiň döwrebap düzümlerinde özüniň aýdyň beýanyny tapýar. «Ýaşyl ykdysadyýet» ýörelgesi döwrümiziň durmuş kadasyna, ýaşaýyş filosofiýasyna öwrülip, nesilleriň aňynda giňden ornaýar. Munuň özi ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini hil taýdan täze belentliklere götermäge, döwletimiziň halkara at-abraýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga gönükdirilendir.

**Aksona ATAÝEWA,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Makroykdysady seljeriş we maliýe
syýasaty müdirliginiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI

# Тенденции развития банковской системы Туркменистана

**2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2024 г.




**2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 июля 2024 года




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)



№6
2024
TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BANKY
Центральный банк Туркменистана

## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)




## 2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2024 г.




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий и организаций по срокам их размещения (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоствленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)




## 2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 июля 2024 года (указатели округлены)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана

| **GÖRKEZIJILER** ПОКАЗАТЕЛИ | ölçeg birligi ед. измер. | 01.07.2023 | 01.01.2024 | 01.07.2024 | 01.07.2024 01.01.2024-e, %-de | 01.07.2024 01.07.2023-e, %-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary** Зарегистрированные кредитные учреждения | sany / ед. | **10** | **11** | **11** | *100,0* | *110,0* |
| şol sanda: в том числе: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik - государственно-коммерческие | sany / ед. | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik - акционерно-коммерческие | sany / ед. | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary - филиалы иностранных банков | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky - Государственный банк развития | sany / ед. | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy» - «Туркменская инвестиционная компания» | sany / ед. | | 1 | 1 | *100,0* | |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany** Количество филиалов кредитных учреждений | sany / ед. | **151** | **150** | **149** | *99,3* | *98,7* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany** Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями | sany / ед. | **6 767 150** | **7 046 129** | **7 266 679** | *103,1* | *107,4* |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany** Численность работников кредитных учреждений | sany / ед. | **8 709,5** | **8 391,8** | **8 410,8** | *100,2* | *96,6* |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi** Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений | mln manat млн манат | **6 939,1** | **7167,8** | **7227,5** | *100,8* | *104,2* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)** Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **14 149,93** | **17876,07** | **21148,42** | *118,3* | *149,5* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary** Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению | mln manat млн манат | **91 385,38** | **89 102,20** | **88 756,64** | *99,6* | *97,1* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)** Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте) | mln manat млн манат | **40 871,47** | **39 600,98** | **44 367,79** | *112,0* | *108,6* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy / Подготовлено Научно-производственным советом***

## 2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Arkadag<br>Аркадаг | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **23** | 1 | 5 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **149** | **16** | **24** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
## Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 июля 2024 г.

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений | Gulluklaryň sany<br>Кол-во агентств | Ahal<br>Ахал | Aşgabat<br>Ашхабад | Balkan<br>Балкан | Daşoguz<br>Дашогуз | Lebap<br>Лебап | Mary<br>Мары |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» | **9** | 1 | | 2 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Итого** | **24** | **1** | **3** | **4** | **4** | **10** | **2** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň 1-nji iýul ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
## Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 июля 2024 г.

müň manat / тыс. манат

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки | 2 438 213,5 | 33,74 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки | 1 878 701,2 | 25,99 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков | 4 571,0 | 0,06 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития | 2 850 000,0 | 39,43 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания | 56 000,0 | 0,77 |
| **Jemi / Всего** | **7 227 485,7** | **100,0** |

*Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Банковского надзора*

## 2024-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в июне 2024 года

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года | 5,0 % |

## 2024-nji ýylyň iýun aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в июне 2024 года

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяца | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy / Подготовлено департаментом Кредитных операций***

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана

| Hereket eden döwri<br>Период действия | Göterimiň derejesi,%<br>Процентная ставка,% | Esas<br>Основание |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г. |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г. |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г. |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г. |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г. |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г. |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г. |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г. |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г. |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
***Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики***

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов | Bellikler<br>Примечания |
|---|---|---|
| 19.01.2001 | 5% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky we daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным средствам в национальной и иностранной валюте юридических лиц |
| | 25% | - edara görnüşli taraplardan manatdaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в национальной валюте юридических лиц |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным средствам в иностранной валюте юридических лиц |
| 20.07.2006 | 3% | - edara görnüşindäki taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 20% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 03.04.2009 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 15% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
| | 5% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| | 8% | - edara görnüşli taraplardan daşary ýurt pulundaky gaýry serişdeleri boýunça<br>- по остальным депозитам юридических лиц в иностранной валюте |
| 17.02.2011 | 3% | - edara görnüşli taraplardan milli puldaky möhletli serişdeleri boýunça<br>- по срочным депозитам юридических лиц в национальной валюте |
